# Hakyky Tury-Sina dagy nirede?

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy,Sözler,Taryhy ýerler
написано kitapcy | 25 января, 2025
Hakyky Tury-Sina dagy nirede? HAKYKY TURY-SINA DAGY NIREDE?




*Mowzukda öňe sürülýän pikirler ýönekeý çaklama bolup, hakykat bolmaga dalaşgärlik edenok*
Egerde siz Google gözleg ulgamyndan «Sina dagy» diýip gözletseňiz, size Sinaý ýarymadasynda ýerleşýän bir dag suraty we ol dag barada käbir maglumatlar çykar hem-de bu dag Musa aleýhyssalamyň Alla bilen sözleşen keramatly ýerdigi hakynda hem birnäçe maglumatlar ýazylandyr. Emma ol Sinaý ýarymadasyndaky dag hakyky Keramatly Tury Sina dagy däldir. Bize bu barada bize ýalan sözlenýär. Eýsem hakyky Tury Sina dagy niredekä?
Dinler taryhynda möhüm taryhy ýerleriň biride Tur dagy ýada Sina dagydyr. Bu dag Töwrat, Injil we Kuran ýaly mukaddes kitaplarda keramatly ýer hökmünde zikir edilýär. Kurany Kerimde 52-nji süräniň ady hem Tur dagydyr. Meniň size gürrüň berjek esasy wakam Kurany Kerimiň Kasas süresi 23-nji aýatdan başlaýar. Garaz Musa alaýhyssalam Müsürden gaçyp Medýen ýurdyna gelýär. Ol ýerde Musa alaýhyssalam mallaryna suw içirip bilmän duran iki sany gyzy görýär. Ol gyzlar atalarynyň garrydygyny, özleriniň bolsa öňdäki çopanlar mallaryny suwaryp bolýança, mallaryna suw berip bilmejekdigini aýdýarlar. Soň Musa alaýhyssalam ol gyzlara mallary suwa ýakmakda kömek edýär.
25. (Biraz wagtdan soň) şol iki gyzyň biri edep-haýa bilen

gelip: «Kakam seni (mallarymyzy) suwa ýakyp bereniň hakyny bermek üçin çagyrýar» diýdi. Musa onuň ýanyna gelip, öz başyndan geçenleri gürrüň bereninde ol : «Sen gorkma! Sen zalym kowumdan halas bolupsyň» diýdi.
26. Olaryň (gyzlaryň) biri: «Ey, ata! Ony hakyna tutsana. Takyk, seniň hakyna tutjak iň haýyrly adamyň güýçli hem ynamdar bolmalydyr» diýdi. (Kasas süresi 25-26 aýatlar)
Käbir din alymlary gyzlaryň atasynyň Medýen halkyna pygamber edilip iberilen Şugaýyp alaýhyssalamdygyny aýdýarlar. Käbirleri bolsa munyň tersini aýdýarlar. Ýewreýleriň elindäki Töwrat kitabynyň Müsürden çykyş bölüminde hem bu waka agzalýar, onda gyzlaryň atasynyň ady Şugaýyp pygamber dälde Ýitro diýip berilýär. Onuň ady Şugaýyp pygambermi ýa Ýitromy, munuň biziň mowzugymyza dahyly ýok. Garaz soň gyzlaryň atasy ony çopan edip işe alýar. Musa pygamber birnäçe ýyl işländen soň Şugaýyp pygamber ýa-da Ýitro gyzlarynyň birini Musa alaýhyssalama nikalap berýär.
29. Musa müddetini dolduryp, ähli maşgalasy bilen (Müsüre tarap) ýola düşende, Tur (dagy)
tarapynda bir ot gördi we maşgalasyna: «Siz garaşyň, men bir ot gördüm. Belki size ondan bir
habar ýa-da ýylanmagyňyz üçin şol otdan bir köz alyp geleýin» diýdi.
30. Musa onuň (oduň) ýanyna geleninde, mübärek ýeriň sag tarapyndaky jülgäniň kenaryndaky
bir agaçdan (oňa) şeýle ses geldi: «Ey, Musa! Takyk, Men älemleriň Perwerdigäri bolan
Alladyryn. (Kasas süresi 29-30)
Üns beren bolsaňyz Tur dagynyň mübärek ýerdigi we esasysy agaç bardygy ýazylan. Emma biz Sinaý ýarymadasyndaky Tur dagy (ýada Sina) diýlip bilinýän daga seredenimizde ol ýer ne mübärek ýere ne-de agaçly bir ýere meňzeýär. Ýa bolmasa Tin süresiniň ilkinji üç aýatynda şeýle sözler bar: ,, Injire we zeýtuna, Tury-Sina (dagyna), bu asuda (aman-esen) şähere (Mekgä) kasam bolsun!» Aýatda ilki bilen injir we zeýtun miweleri soň Tury-Sina dagy agzalýar. Ýagny Tury Sina dagy injir we zeýtun ýetişýän bereketli ýerdigi nazarda tutulýar. Ýöne görşümiz

ýaly Sinaý ýarymadasyndaky dagda ne zeýtun bar, ne injir ne-de bir bereket bar. Garaz bize bu barada hem ýalan sözlenýär. Kurany Kerimiň köp ýerinde bu dagyň goralýandygy, bereketlidigi ýazylan. Hadyslaryň käbirinde bolsa kyýamatdan ozal çykjak Dejjalyň bu keramatly ýere girip bilmejegi agzalyp geçilýär. Näme üçindir bizden hakyky Tury Sina dagy gizlenýär. Görşümiz ýaly häzirki wagtda Sina dagy diýlip bilinýän ýer Kuranda agzalýan goralan, bereketli we mübärek ýere meňzänok.

Indi sorag peýda bolýar. Hakyky Tury Sina dagy nirede?

Birinji çaklamamyz Türkiýede.

Tur, Turan, Türkiýe…

Ilki bilen Tin süresinde agzalýan miwelerden ýola çykaly. Injir. Injir ýetişdirmekde we eksport etmekde Türkiýe Respublikasy dünýäde öňdäki orunlary eýeleýär. Ikinji miwe Zeýtun. Zeýtun hem Türkiýe döwletiniň klimat şertlerinde ýetişýän miwe.

Ikinji çaklamamyz bolsa Saud Arabystany.

Goward Blumyň «The Gold of Exodus» (Müsürden çykyşyň altyny) atly kitabynda hakyky Tury Sina dagynyň Sinaý ýarymadasyndaky dag dälde, Saud Arabystandadygy nygtalýar. Kitabyň gahrymanlary ýörite, hakyky Tury Sina dagyny gözläp, altyn tapmak maksadynda Saud Arabystanyna gelişleri gürrüň berilýär. Bellemeli esasy zatlaryň biride kitap real wakalara esaslanyp ýazylandyr. Kitapdan bölek:

«Soňra biz, dünýädäki iň mukaddes ýerlerden birine gideris. Ol, hakyky Tury Sina dagydyr. Hudaýyň Musa 10 emri beren dagy. Maňa ynan, köp adamlar bu dagy Sinaý ýarymadasynda diýip bilýäler. Ýalan, toslama! Turistleri duzaga düşirmek üçin edilen hile! Eliňdäki Töwratyň Müsürden çykyş bölümini gowja oka. Tury Sina dagy Medýendedir. Medýen bolsa Saud Arabystanyndadyr. Hakykat şu. Asyrlardyr Beduinler, Musanyň Tury Sina dagynyň nirededigini bilýärdiler we Samranyň kömegi bilen, ol ýere çaltyrak barmalydyrys. Soňra bolsa sen we seniň enjamyň bize, 600.000 sany Beni Ysraýylyň, Müsürden çykan wagtlary ýanlaryna alan hazynanyň yerini görkezer. Bilýän bolsaň Ysraýylogullary altyndan göläniň heýkelini ýasap oňa çokunýalar. Olara jeza hökmünde Sina dagynyň etegine gömülen

Müsürden çykyşyň altyny bize garaşýar» (Bellik: Kurany Kerimiň Ta Ha süresiniň 97-nji aýatynda altyn göläniň ýakylyp, böleklenip deñize taşlanandygy aýdylýar) Çeşme: Howard Blum, The Gold of Exodus, The Discovery of The True Mount Sinai, (Goward Blum, Müsürden çykyşyň altyny, Hakyky Sina dagyny tapmak) New York, 1998.

Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Geň-taňsy wakalar